***29-njy dekabrda paýtagtymyzdaky Gyşky oýunlar sport toplumynda «Semijenk» ady bilen tanalýan ýaş türk estrada ýyldyzy Jenk Başyň konserti boldy. Ol Täze ýyl mynasybetli daşary ýurtly meşhur sungat ussatlarynyň gatnaşmagynda ýaýbaňlandyrylan konsertleriň özboluşly jemlenmesine öwrüldi.***

Jenk Başyň türkmen sahnasynda ýerine ýetiren aýdymlary ýakymlylygy we täzeçil owazy bilen diňleýjileri turuwbaşdan özüne maýyl etdi. «Düşer aklıma», «Al Sevgilim», «Yana Yana» we «Herkes Gibisin» ýaly aýdymlarda ýaşlygyň duýguly dünýäsi şöhlelenýär. Tomaşaçylar «Sen kaldın», «Geçiyor zaman» we «Unutmak öyle kolay my sandyn» aýdymlaryny hem gyzgyn gaşyladylar. «Mesafe», «Dayan», «Kalpsiz» we «Pişman Degilim» ýaly aýdymlar bolsa ýatlamalara bagyşlanýar. Umuman, türk estrada aýdymçysynyň ýerine ýetiren aýdymlary täzeçilligi we söýgä ýugrulandygy bilen tapawutlandy.

Maglumat hökmünde belläp geçsek, türk estrada ýyldyzy 1998-nji ýylda Türkiýäniň Boýabat şäherinde dogulýar. Birnäçe abraýly sungat ýaryşlarynda ýeňiji bolmagy ony meşhurlyga eýe edýär. Aýdymçy doganlyk ýurduň geljegi uly sungat wekilleriniň biri hasaplanylýar. Muny ýaş sungat ussadynyň halkara aýdym-saz platformalarynda iň köp diňlenilýänleriň sanawlarynda orun almagy hem aýdyň görkezýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены